# ENE DILI WE OKUW SOWATLYLYGY

## (I bölek)

*Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 1-nji synpy üçin derslik*

*Täze neşir*

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan neşire hödürlenen*



Daşkent – 2021

UO‘K 37.016:811.512.164(075)
KBK 81.2(5Turk)ya72
A 13

Awtorlar:
Ş. Abdullaýewa, G. Abdullaýewa, G.Welbegow

**Syn ýazanlar:**

**N. Latipow** – Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtköl tümeniniň halk bilimi bölüminiň baş inspektor-metodisti;

**R. Klyçew** – Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtköl tümenindäki 9-njy mekdebiň Türkmen dili we edebiýat mugallymy

## EZIZ OKUWÇYMYZ!

Biz awtorlar, şu dersligi ýazanda siziň her biriňiziň bilesigeliji gözleriňizi, gülüp duran ýüzleriňizi göz öňüne getirip, ýazdyk. Bu derslik siziň ýakyn dostuňyz bolsun. Biziň pikirimizçe, bu dersligi okamak bilen siz gowy bilimleri, durmuşda gerek bolýan başarnyklary ele alarsyňyz. Derslige jemlenen materiallar sizde ýakynlaryňyza, Watana, bilim almaga söýgi döreder. Dünýäniň islendik künjeginde bolsaňyz-da adamlar bilen medeniýetli gepleşikleri alyp barmaga, islendik meseläni rasional çözmäge, dürli durmuş wakalaryny dogry çözmäge kömek eder diýip umyt edýäris. Siz derslikdäki materiallary gowy özleşdirseňiz öz pikiriňizi ýazuw üsti bilen, dilden yzygider, sowatly beýan etmegi başararsyňyz.

Bilimler ýurduna hoş geldiňiz! Ýollaryňyz açyk bolsun!

Iň oňat arzuwlar bilen awtorlar.

## Şertli belgiler

- ★ – özbaşdak işlemeli
- ★ ★ – jübüt bolup işlemeli
- ★ ★ ★ – topar bolup işlemeli
- ?! – soraglar we ýumuşlar
- G – gönükme
- O – oýun

Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.

*Original maket we dizaýn konsepsiýasy Respublikan tälim merkezi tarapyndan taýýarlandy.*

ISBN 978-9943-7155-9-2

© Respublikan tälim merkezi, 2021

# I BAP
# MEN, SEN, OL WE OLAR



**MAŞGALADA AGZYBIRLIK BOLSA,
HAZYNA GEREK DÄL.**

## BIZIŇ MAŞGALAMYZ



Täze ýyl geldi. Biz ony maşgala agzalarymyz bilen şatlykly garşy aldyk. Men inim Aman bilen kakama ýolkany bezemäge kömek etdik. Ejem bilen uýam Sona aşhanada süýji naharlary taýýarladylar. Atam we enem bize sowgat berdiler. Täze ýyl bu örän şatlykly baýram.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Bu maşgala näçe adamdan ybarat? Olar kimler?
2. Inisiniň we uýasynyň ady kim?

G **Gönükme 1.** Suratdaky maşgala agzalaryna otluda ýer ýeterlimi?



**G** ★★★ **Gönükme 2.** Aşakdakylaryň arasyndan diňe maşgala agzalaryny aňladýan sözleri aýdyň. Bu sözler näçe harpdan we sesden ybarat.

Eje, aga, ata, goňşy, mugallym, jigi, dogan, ene, baba, jora, ussa.

**Türkmen dilinde 30 ses we 30 harp bar.**
**Sesi aýdýarys we eşidýäris.**
**Harpy ýazýarys we okaýarys.**
**Harp sesiň ýazuw belgisi.**

**G** ★ **Gönükme 3.** Okaň we şäher atlaryny depderiňize göçürip ýazyň.

Özbegistan Respublikasynda Samarkant, Buhara, Hywa we Kokant ýaly gadymy şäherler bar. Şäherlerde we obalarda dürli millet wekilleri agzybir ýaşaýarlar we zähmet çekýärler.

Nusga: Samarkant,

**O** ★★★ **Oýun:** «Mylaýym edip aýtmaly».

Eje-ejejan
Kaka-
Daýy-
Jigi-
Uýa-

Rebusy okaň.

 ap

## GYŞ



Gyşda sowuk bolýar. Gyşda gar ýagýar. Gyşda adamlar ýyly eşik geýýärler. Gyşda çagalar gar togalap oýnaýarlar. Gyşda aýy uka gidýär. Gyşda täze ýyl baýramy bolýar.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Gyşda howa nähili bolýar?
2. Gyşda näme ýagýar?
3. Gyşda çagalar näme ýasaýarlar?
4. Gyşda kimler garda oýnaýarlar?

**G** ★★ **Gönükme 3.** Aşakdaky ýolkalary deňeşdiriň we depderiňize ýazyň. Iki ýolkanyň arasyna haýsy belgini goýmak isleýäň <, >, =.





**G** ★ **Gönükme 4.** Gyşda duş gelýän we çekimli harp bilen başlanýan sözlere mysal getiriň.

Harplardan peýdalanyp, sözler düzüň we ýazyň.
T, l, m, ý, a, o

Nusga: laý,...

**Sesler iki topara bölünýärler.**

**1. Çekimliler**
**2. Çekimsizler**

**G** **Gönükme.** Aşakdaky sözlerde näçe bogun bar?



## HÜWDI



Allaý-allaý allançak,
Suwlar akar bulançak.
Altmyş ýaşly ak öýüň,
Gelişigi sallançak.

Allaý-allaý janym sen,
Köýnek biçsem ýanym sen.
Toýda tumar bagym sen,
Günde gülüstanym sen.

Allaý-allaý ak bäbek,
Sallançakda ýat bäbek.
Her kim seni söýmese,
Ýakasyndan tut bäbek.

Allaý-allaý aý biter,
Nar agaja gül biter.
Üç ýaşyňa baraňda,
Saýrap duran dil biter.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Hüwdini kimler ýerine ýetirýär?
2. Hüwdini haçan we näme üçin aýdýarlar? Ony nädip aýdýarlar?
3. Seniň pikiriňçe dünýäde näçe hüwdi bar?

G **Gönükme**. Teksti okaň we oňa at beriň. Ene hüwdi aýtmak arkaly çagasyna näme arzuw edýär? Depderiňize ýazyň.

Hüwdiniň çaga üçin täsin täsiri bar. Sebäbi ene hüwdi aýdanda ýüreginden, mähir berip aýdýar. Ol hüwdi arkaly çagasyna bagt we saglyk arzuw edýär. Hüwdi eşiden çaga gelejekde oňat adam bolup ýetişýär. Goý hüwdi aýdymlary mydama ýaňlansyn. Siz ulalanda nirede bolsaňyz-da eneňiz aýdan hüwdüler sizi öz dogduk mekanyňyza çagyrsyn. Öz ene ýurduňyzy hiç haçan ýatdan çykarmaň!

G **Gönükme.** Hüwdüden aşakdaky sözleri tapyň we nokatlaryň ýerine harplary ýazyň.

H...wd.., n...r, k... ýn...k, t...ýd...

**Sekimli sesler:** *a, e, ä, i, o, ö, u, ü, y* – 9 sany.
**Çekimsiz sesler:** *b, w, g, d, j, ž, z, ý, k, l, m, n, ň, p, r, s, t, f, h, ç, ş* – 21 sany.

G **Gönükme.** Aşakdaky sözlerdäki çekimli sesleriň aşagyny çyzyň.

Käşir, gazan, ojak, kepderi, garlawaç, top, ýaglyk.

G **Gönükme.** Suratdaky haýwanlaryň atlaryny aýdyň we sözlerdäki çekimli sesleriň sanyny gözeneklerde ýazyň.



# 14-NJI ÝANWAR WATAN GORAÝJYLARY GÜNI

## ESGER AGAMA



Aga sag boluň,
Wagty hoş boluň.
Ýaýnap geziň,
Azat watanda!

Postda duruň,
Ýurdy goraň.
Ýüz ýyl ýaşaň,
Azat watanda!

*Ybrahym Danyş*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. 14-nji ýanwar nähili baýramçylyk güni?
2. Goşgudaky çekimli sesleri aýdyp beriň?

G **Gönükme.** Aşakdaky rebusy okaň.



G ★ **Gönükme.** Sözlerde galdyrylan harplary ýazyň. Ol harplara nähili harplar diýilýär?

Oýn...waç, ed...rmen, syý...hatçy, g...neş, d...kan, ýaş...k, m...helle.

G ★ **Gönükm.** Aşakdaky sözleri degişli suratlar bilen birleşdiriň.

Gorkak

Güýçli

Edepli

Edermen









G ★ ★ **Gönükme.** Sözlemleri dowam etdiriň.

Agaçda gyzyl ______

______ samolýot uçýar.

Oglan ______ iýýär.

Maral ______ dokaýar.









# DANA ATA

*Rus ertekisi*



Hakykatdan hem bolan wakamy bilmedim, ýöne eşidenimi aýdyp bereýin. Bir daýhan adam bolupdyr. Onuň ogly bar eken. Ogly ulalandan soň atasy oňa ýüzlenip aýdypdyr:

– Oglum seniň işleýşiňe syn edip otyryn. Ençe ulalypsyň. Tiz wagtda ýigit ýetişip, öýlenersiň. Şonda hojalygy hem özüň çekmeli bolarsyň. Şonuň üçin meniň aýtjak sözüme gulak sal:

Oglum şeýle ýaşagyn, her bir obada seniň öýüň bolsun.

Goý seniň her gün täze ädigiň bolsun.

Şeýle ýaşagyn, adamlar saňa birinji bolup tagzym etsin.

Şonda sen hakyky hojalyk eýesi bolarsyň.

Bu gepleri eşiden ogly haýran galypdyr we atasyndan sorapdyr:

– Ata, siziň gepiňize düşünmedim, men nädip her obada öý gurup bilerin? Günde täze ädik almaga pul ýetirip bolarmy? Adamlar maňa tagzym etmegi üçin nädip ýaşamaly? Oglunyň soragyny eşidip atasy ýylgyryp jogap beripdir:

– Oglum, kynçylyk çekme. Meň wesýetimi ýerine ýetirmek aňsat. Her bir obada öz öýüňde bolan ýaly bolmagyň üçin, her bir obada wepaly dost tutgun. Şonda şol obada seniň öýüň bolar. Ädigiň günde täze bolmagy üçin agşamyna günde ädigiňi ýuwup, arassalap goýmagy unutma. Şonda sen günde täze ädik geýersiň. Adamlar saňa birinji bolup tagzym etmegi üçin ir tur we işe birinji bolup bar. Ana, senden soň gelen ähli adamlar saňa birinji bolup tagzym ederler.

Görşüň ýaly meniň wesýetimde hiç bir kynçylyk ýok.

Wagty gelip, ogly hojalygy özi dolandyryp başlanynda ol atasynyň wesýetlerini ýerine ýetiripdir we oňat ýaşapdyr.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Siz Atasynyň ornunda bolsaňyz nähili wesýet bererdiňiz?
2. Üç wesýetden iň möhümi haýsy diýip oýlaýarsyňyz we näme üçin?

G ★★★ **Gönükme.** Synp tagtasynda gyşky geýimleriň atlaryny ýazyň. Bu sözlerdäki çekimli sesleriň aşagyny çyzyň.

N u s g a: pal-to,...

3. «Maşgalada agzybirlik bolsa, hazyna gerek däl» diýen nakyla nähili düşünýärsiňiz?




G ★★ **Gönükme.** Aşakdaky gülüň her bir ýapragyna Atańyzyň oňat häsiýetlerini ýazyň.




**Çekimli sesler 2 hili bolýarlar:**

1. Ýogyn çekimliler: *a, o, u, y.*
2. Inçe çekimliler: *ä, ö, ü, i, e.*

G ★★★ **Gönükme.** Ýogyn we inçe çekimlilere degişli sözleri oýlap tapyň we bu sözde näçe bogun bardygyny aýdyň.

## DOGANLAR

*Kürt ertekisi*



★★★ Iki dogan güýzde bugdaý hasylyny ýygypdyrlar. Hasyly deň paýlaşypdyrlar. Olar işlerini gutarýança giç düşüpdir.

Şonda Mämmet kiçi doganyna diýýär:

– Doganym Hasan, bu ýyl hasyl az boldy, eger biz ikimiz hem birden uka gitsek hasylymyza eýe çykarlar. Gel gezekleşip budaýy garawullap çykaly. Doganynyň teklibini makul bilip Hasan şeýle diýýär:

– Sen ýat we arkaýyn ukla. Men garawullaryn. Eger ukym gelse seni turuzaryn.

Şeýdip Mämmet uka gidýär. Azrak wagt geçenden soň, Hasan oýlanýar: «Agamyň maşgalasy uly, çagalary köp, oňa maňa seredende bugdaý köp gerek bolar. Gel, men oňa özümiň bugdaýymdan 5 halta bereýin».

Biraz wagtdan soň, Mämmedi oýarmaly wagt gelýär. Hasan doganyny oýaryp özi uka gidýär. Mämmet bugdaý harmanlaryny gözden geçirip, şeýle netije çykarýar:

– Inim häli ýaş, söwda-satykda tejribesi az, ol aldanmagy mümkin. Gel men oňa öz bugdaýymdan 6 halta bereýin.

Şeýdip bu iki dogan bir-birini oňat görüpdirler we aladalanypdyrlar.

Şeýdip daň atýar. Doganlar hem ukudan oýanýarlar. Görseler ikisiniň hem harmanyndaky bugdaý köpelip gidipdir. Doganlar haýran galypdyrlar.

Bu diýildigi: «Maşgalada agzybirlik bolsa, hazyna gerek däl».

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Doganlar nähili bolupdyrlar?
2. Siz doganlaryň ornunda bolsaňyz özüňizi nähili alyp barardyňyz?
3. Olaryň ata-eneleri çagalaryna nähili terbiýe beripdirler?
4. Öz doganlaryňyzyň iň oňat eden hereketlerini ýada salyň we aýdyp beriň.

G ★ **Gönükme.** Gönükmäni nusgadaky ýaly işläň.

Nusga: Kakamyň agasy maňa aga bolýar.

Ejemiň agasy maňa ______ bolýar.
Kakamyň inisi maňa ______ bolýar.
Ejemiň inisi maňa ______ bolyar.

G ★ **Gönükme.** Berlen bogunlary birleşdirip, söz düziň.

Da-…, jo-…, daý-…, ýe-…, -ga, a-…, -ra, gel-…, -gen, -za, -neje, -ýy.

G ★★ **Gönükme.** Öýjükleri dogry doldursaňyz «Durna» sözüni okarsyňyz.

1. Oglanyň ady.
2. Eşidiş organy.
3. Erkek geçi.
4. Guşuň ady.
5. Süýji bakja ekini.



# MÄHRIBAN ENEM

*(Hekaýa)*

*ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN*




Biziň köpçüligimizde enemiz bar. Olar örän dürli-dürli: kimdir ýaş, kimdir garry, kimdir şadyýan, kimdir agras we az sözli. Ýöne biz hemmämiz öz enelerimizi oňat görýäris.

Meniň enem – hemmeden oňat! Ol örän mylaýym, şirin sözli. Onuň elleri gyzyl gül ýaly. Ol hemişe meniň oňat işlerimi goldap, kuwwat berýär. Men oňa durmuşymda bolýan ähli zatlary aýdyp berýärin. Ol sözümi bölmän diňleýär. Eger gerek bolsa maslahat berýär.

Meniň enem köp gazet-žurnallary okaýar, kinolary görýär. Ol döwrebap bolmak üçin hereket edýär. Enem «Okamak islegi bolan adam hemişe ýaşdyr» – diýýär.

Şeýle-de enem süýji naharlary bişirýär. Ol palawy oňat bişirýär. Men günortan ajyksam, gazany açyp

görýärin. Onuň içinde süýji nahar bişen bolýar. Nädip enem bu işlere ýetişýär-kä? Irden görenimde jorap dokap otyrdy. Ýa-da beýle süýji nahary ol men gije uklanymda bişirýärmikä …?

Mähriban enejanym! Men size berk jan-saglyk arzuw edýärin. Siz öýümiziň asudalygynyň we bereketiniň girewisiňiz.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Siz eneleriňizi oňat görýäňizmi? Olara nähili kömek edýärsiňiz?
2. Eger siz geljekde deputat bolsaňyz, garrylaryň ýagdaýyny ýene-de gowulandyrmak üçin nähili işler ederdiňiz?
3. Garry eneň we ataň seni hormat edýärmi?
4. Sizi garrylar hormat etmegi üçin näme etmeli?
5. Garry ene-ataň bagtly bolmagy üçin sen näme etmeli?
6. Depderde ýüregiň içine eneňize bolan söýgiňizi beýan ediň.

G ★ **Gönükme.** Ýogyn we inçe çekimlilere degişli sözleri oýlap tapyň we bu sözde näçe bogun bardygyny aýdyň.

G ★ **Gönükme.** Hekaýadaky ene haýsy tagamy has süýji bişiripdir?

☐

Bu sözde näçe harp ☐, näçe bogun ☐, näçe çekimli ☐ we näçe çekimsiz ☐ harp bar?

G ★ **Gönükme.** Hekaýadan 5 sany çekimli harp bilen başlanýan sözi tapyp ýazyň.

# MENIŇ WATANYM



Säherler oýanyp,
Bilbil sesine,
Bakýan Watanymyň
Belent pesine.

Bir ýanym mes kanal,
Bir ýanym sähra,
Topragymda müňläp,
Ir-iýmiş ösýär.

Durmuşumyz aýdyň,
Güneşden, nurdan,
Bu meniň Watanym,
Bu meniň ýurdum!

*N. Baýramow*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Şahyryň Watanymyň belent, pes ýerlerine bakýan diýmegi nämäni aňladýar?
2. Sözlemi dowam et. Biziň Watanymyz ________.
3. Goşguda müňläp ir-iýmiş ösýär diýlipdir. Ýalňyşy tapyň: alma, garpyz, mango, nar, brusnika, üzüm, banan.
4. Goşgyny ýat tutuň.

G ★★★ **Gönükme.** Goşgudan manysy boýunça Watan sözüne meňzeş sözleri tapyň we ýazyň.

**Sözüň birinji çekimlisi ýogyn bolsa, soňky çekimlileri hem ýogyn bolýar.**
**Sözüň birinji çekimlisi inçe bolsa, soňky çekimlileri hem inçe bolýar.**

G ★★ **Gönükme.** Sözleri dogry edip ýazyň.

Mnojuk, gçie, mökej, lip, srygyr.

G ★ **Gönükme.** Suratdaky haýwanlaryň adyny elipbiý tertibinde ýazyň.



**G** ★★ **Gönükme.** Rebusy tapyň.



**k=ň**

## GÜN TERTIBI













Okuwçynyň gün tertibini dogry edip belläň.
Hemme işe ýetişmek üçin wagty dogry bölüşdirmeli.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Siz gün tertibine amal edýärsiňizmi?
2. Gün tertibi näme üçin gerek?
3. Siziň gün tertibiňiz nähili?
4. Suratlaryň yzygiderligini gün tertibi boýunça dogurlaň.
5. Suratda näme görkezilmändir?

G **Gönükme.** Siziň üçin haýsysy peýdaly:

Ýatyp okamak...
Ýiti yşyga seretmek...
Irden gözleri ýuwmak...
Telewizory ýakyndan görmek...
Gözi zarbadan saklamak...
Käşir we petruşka iýmek...
Gözi hapa el bilen owkalamak...
Güýçli sazy diňlemek...
Sport bilen meşgullanmak...

**G** ★★★ **Gönükme.** Haýsy waka öň boldy?









**G** ★★★ **Gönükme.** Suratlara seredip ýogyn we inçe çekimliler bilen başlanýan sözleri aýdyň.








## HAÝWANLARYŇ KESELHANASY



Şatlyk mekdebe belka alyp geldi welin, synpdaşlary örän şatlandylar. Ýöne belkajyk näme üçindir aýagyny ýere basyp bilmeýärdi. Çagalar bu

ýagdaýy derrew aňyp ony mekdepdäki «Haýwanlaryň keselhanasy»na bejermäge alyp bardylar. Çagalaryň aladasy bilen belkajyk sagaldy.

Farhat bolsa synpa kiçijik güjügini getirdi. Güjügiň nahar iýip bilmeýändigi üçin Farhat rahatsyzlanýardy. Çagalar ony görende «Bu neneňsi ganymyň eline düşdü-kä» diýip, geňirgendiler. Güjüjegi-de «haýwanlaryň keselhanasynda» bejermekçi boldular welin, arman ýetişmediler. Çagalaryň ählisi gaty gynandylar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Şatlyk synpa näme alyp geldi?
2. Belka näme boldy?
3. Farhat synpa näme getirdi?
4. Haýwanlary bejerýän doktoryň ady kim?
5. Onuň üçin haýsy okuwy gutarmaly?

G **Gönükme.** K.I.Çukowskiniň haýsy ertekisinde haýwanlaryň doktory hakynda söz barýar? Aşakdaky suratdan ony tapyň.



G **Gönükme.** Aşakdaky gyşa degişli soraglara jogap beriň:

1. Boýagsyz we çotgasyz aýnalara surat çekýän kim?
2. Kim gyşda bedre, sübse, we käşir bilen bezenýär?
3. Näme üçin agaçlar gyşda ak lybas geýinýär?
4. Gyşda ol bolmasa eliň üşeýär.
5. Sowuk esasan ýüzüňi haýsy bölegini üşedýär?
6. Gyşda haýsy agaçda gyzyl ýyldyz owadan görünýär?
7. Haýsy haýwan gyşdan öýkeläp bütin gyş uklaýar?

G **Gönükme.** Hekaýadan ýogyn çekimli bilen başlanýan sözleri tapyp aýdyň.

Krosswordy çözüň




1. Näme bilen ys alýarys?
2. Sagat däl dükgüldeýär?

## HOZ HAKYNDA

*(Hekaýa)*



«Şark» boldy we hoz döwüldi.

– Ine, meniň dişlerim nähili güýçli – diýip Aman magtandy we hozuň içinden mazaly şänigini çykardy.

Men hem şeýle etmegi başararyn – diýip goşuldy Meret we agzyna hozy salyp, bar güýji bilen dişleriniň arasynda gysdy ... – Waý-waý-waý!, – diýip gygyrdy. Hoz bölinmedi, emma eliniň aýasynda döwük diş durdy.

Diş bilen hoz döwmek bolmaýar ahyryn. Ýöne dişi bilen çüýşe açýan ýa-da çüý goparýan oglanlar hem bar. Özleriniň häli berkemedik dişleri bilen näçe gantlary kytyrdadyp iýýänler hem bar.

Bir gün Meretleriň mekdebinde iň oňat surat üçin ýaryş geçirdiler. Meret çyzan suratynyň has hem owadan bolmagyny isleýärdi. Ol kagyzyň ýüzüne söweşi çyzdy. Esgerler atýardy, tanklar ýanýardy. Meret tolgunyp galamyň ujuny gemirýärdi. Mugallym hatarlaryň arasynda ýöräp, okuwçylaryň çeken suratlaryny gözden geçirýärdi. Merediň ýanyna baranda: «Meret maňa galamyňy ber, suratyňy dogurlap bereýin» – diýýär. Mugallym galamy almady. Ol Merede üns bilen gamgyn seretdi. Gijesine ol uklap bilmän, oýlanyp ýatdy. Ahyry ol öz ýalňyşyna düşündi. Çagalar, siz hem düşündiňizmi?

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Dişleri nädip aýawly saklamaly?
2. Dişleri gününe näçe gezek ýuwmaly?

G ★★★ **Gönükme.** Hekaýanyň tekstinden soraglara jogap tapyň.

Aman dogry iş etdimi?

Seniň pikiriňçe, Meret näme üçin Amanyň yzyndan gaýtalady.

Tekstden mugallymyň Merede seredişini tapyň. Ol Meredi käýedimi?

Mugallymyň garaýşy Merede täsir etdimi?

**Sözüň içinde ýogyn çekimli bolsa, degişli ýerinde «y» ýazylýar. Sözüň içinde inçe çekimli bolsa, degişli ýerinda «i» ýazylýar.**

G ★★★ **Gönükme.**



Dişiň bu keseline näme diýilýär? ____________

Üns berip seretseňiz, ýokarda aýdylan düzgün bu sözde ýerine ýetmeýär. Sebäbi bu söz türkmen diline başga dilden gelen söz.

G ★ **Gönükme.** Aşakdaky sözlerde näçe çekimli we çekimsiz bardygyny aýdyň.

Sumka, galam, oturgyç, käse, okara, ýorgan, kitap, düşek, jorap, köýnek, jalbar.

# ÇAGALARYŇ OŇAT GÖRÝÄN BAÝRAMLARY

## Meniň oňat görýän baýramym

«Sen haýsy baýramy oňat görýärsiň?» diýip sorasalar men oýlanman Täze ýyl diýerin. Men bu baýramy oňat görýärin. Sebäbi ol özi bilen ertekini we nähilidir jadylyk alyp gelýär. Bu baýramda örän köp sowgatlar berilýär, gyşky dynç alyş başlanýar, baýramçylyklar we myhmançylyklar köp bolýar, dostlar we garyndaşlar bilen duşuşýarys.

«Täze ýylda hemme arzuwlar amala aşýar» diýýärler. Men muňa ynanýaryn. Bize Aýazbaba bilen Garpamyk gelýär, sowgatlar we şadyýanlyk paýlaýar. Men öňünden ýakynlaryma gutlag hatlaryny taýýarladym. Elbetde, olara ýakymly bolar diýip oýlaýaryn.

Men Täze ýylda güjük sowgat almagy isleýärin. Men ene-atamdan köpden bäri sorap gelýärin. Bu ýyl meniň arzuwum amala aşar diýip oýlaýaryn. Men Alabaý güjüklerini oňat görýärin. Olar öz eýelerine örän wepaly bolýarlar. Men ony oňat edip bakaryn.

Biziň mekdebimizde hem Täze ýyl baýramçylygyny gyzykly geçirmeklige üns berýärler. Biz mugallymlary we dostlarymyzy baýram bilen gutlaýarys. Synp otagymyzy özümiz ýasan oýnawaçlar we plakatlar bilen bezeýäris.

Täze ýyl baýramyny diňe men däl, eýsem ähli dostlarym hem oňat görýär.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Seniň oňat görýän baýramyň haýsy we näme üçin?
2. Haýsy baýramlary bilýärsiňiz, olar haçan bellenilýär?
3. Aşakdaky gyzykly wakalary okaň we mazmunyny düşündiriň.

31-nji dekabrda kiçijik Sapar oýunjak salnan sebedini alyp kakasynyň ýanyna gelip:

– Kaka men oýunjaklarymy nirä gizlesemkä? – diýipdir.

– Olary näme üçin gizlejek?

– Aýaz baba meniň oýunjaklarymyň köplügini görüp maňa hiç zat getirmän goýmasyn.

Gyzy kakasyndan soraýar:

– Aýaz baba her bir ýolkanyň aşagynda sowgat goýup gidýärmi?

– Hawa.

– Onda näme üçin biz bir sany ýolkany bezeýäris?

G **Gönükme.** Teksti doldurmaly.



**Gyş peýzažy**

Bu biziň obamyz. Obamyzyň arkasyndan ýap akyp geçýär. ... Gyşda obamyz ap-ak gara bürenýär.

**G** ★ **Gönükme.** Aşakdakylara esaslanyp gün tertibiňizi ýazyň:

Uky wagtyňyz 10 sagat bolmaly.
Gündizki dynç alyş wagtyňyz 2 sagat bolmaly.
Elbetde öý işlerine kömek bermegi hem unutmaň!

**G** ★ ★ ★ **Gönükme.** Suratda haýsy baýramçylyk şekillendirilen. Surat boýunça hekaýa düzüň.




## MENIŇ DOGLAN GÜNÜM

★ ★ ★ Hemme bar bolan baýramlardan men doglan güni oňat görýärin. Bu ýyl bu baýramy biz iň ýakynlar bilen öýde belledik. Ejem owadan we mazaly tort bişirdi. Men işdä bilen iki bölek iýdim we hoşallyk bilen gutlaglary eşitdim.

Soň baýramyň iň garaşylan pursady ýetip geldi: ene-atam haýwanlar hakyndaky ensiklopediýany we teleskop sowgat etdiler. Teleskopyň kömegi bilen asmandaky ýyldyzlara tomaşa etmek mümkin. Men bu hakda köpden bäri arzuw edýärdim!



Meniň uly doganym maňa täze elektron oýun sowgat etdi. Biz onuň bilen wideo oýun boýunça ýaryş geçirdik. Elbetde, oýunda men utdum.

Agşamara bize meniň ýakyn dostlarym myhmana geldiler. Biz ýanymyzdaky seýil bagyna gezelenje gitdik. Ol ýerde örän köp gyzykly atrraksionlar bar. Garaňky düşüp başlanda men dostlarymy teleskopy tomaşa etmäge çagyrdym. Biz bilelikde asmandaky ýyldyzlary tomaşa etdik.

Bu gün meniň ýadymda uzak wagt galar. Indiki doglan günüme sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Tekstden häzirki zaman sözleri tapyň we olaryň manysyny düşündiriň.
2. Doglan günde nähili tagamlar bişirilýär?
3. Doglan gün ýylda näçe gezek bellenýär?

4. Doglan güne ejesi näme bişiripdir?

5. Seniň dostuňyň doglan güni haçan? Bilmeýän bolsaň sorap anykla we ýadyňda sakla.

G ★ **Gönükme.** Tekstden iň uzyn 4 sözi tapyň.

G ★ **Gönükme**. Özüňizden öý haýwanlaryna degişli bäş sözi tapyp, bogna bölüp ýazyň.

G ★ ★ **Gönükme.** Ýakyn arada synpyňyzda kimiň doglan güni bolandygyny ýa-da boljakdygyny anyklaň we oňa Gutlag hatyny ýasaň.

Üns beriň! Gyzlara we oglanlara dürlüçe Gutlag haty ýasamaly. Näme üçin? Düşündiriň.





Bu Gutlag hatynyň haýsysyny gyzlara, haýsysyny oglanlara bermek mümkin?

# II BAP
# TEBIGATYŇ NYGMATLARY



## SUWSUZ DURMUŞ ÝOK,
## ZÄHMETSIZ – REHNET

## ÝAŞYL PLANETA

### Biziň bag



Biz obada ýaşaýarys. Biziň uly bagymyz bar. Bagymyzda dürli miweli agaçlar bar. Olar: erik, alma, armyt, garaly, üzüm, badam, şetdaly, behi. Biz bu agaçlardan gowy hasyl almak üçin ir bahardan güýzüň ahyryna çenli bagda zähmet çekýäris. Agaçlaryň düýbüni agdaryp, hek çalýarys. Guran şahalaryny gyrkyp aýyrýarys. Soňra mineral we ýerli dökün berýäris. Wagtynda suwaryp, ýabany otlaryny aýyrýarys. Miweler bişen wagtynda ýygnap kak edýäris.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Bag diýende nämä düşünýärsiňiz?
2. Miweli agaçlary aýdyp beriň.
3. Siziň ýaşaýan ýeriňizde bag barmy?
4. Ol ýerde nähili agaçlar bar?

G **Gönükme.** Öz bilýän agaçlaryňyzyň adyny ýazyň. Olary tapawutlandyryň.

1. Miweli:
2. Miwesiz:
3. Çöl ösümligi:

G **Gönükme.** Şifrlenen miweleri tapyň.

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | n | ü | l | e | m | r | j |

1. 1461
2. 217
3. 3485

G **Gönükme.** Her hatardan gaýtalanmaýan harpy tapyň we şol harp bilen başlanýan tebigy hadysany aýdyň.

AOÝAKLBBLKO, ASSFGTTFA, MMNRORSNO.

G **Gönükme**. Aşakdaky ertekini üns berip okaň.

 we  bir sany  tapypdyrlar. Ony nädip böljeginioýlapdyrlar.  we  hiçbölüpbilmändirler. Soň olar  ýanyny gazyp  gömüpdirler. Şol wagt  ýagýar we  bilen  öz  gaçýarlar.  we  bu wakany ýatdan çykarýarlar. Diňe güýz gelende ýadyna düşýär. Ylgap  ýanyna barsa, ol ýerde uly  ösüp çykypdyr.  we  örän

begenipdirler.  örän süýji eken. Içinde  hem köp eken.

## ARAL DEŇZI



Ýurdumyzda ekologiýany gowulandyrmak üçin köp işler alnyp barylýar. Adama zerur bolan kislorody köp bölüp çykarýan agaçlar ekilýär. Şol sanda, Garagalpagystanda Aral boýy çäklerinde ýagdaýy gowulandyrmak üçin miweli, miwesiz we çöl ösümlikleri köp ekilýär.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Agaçlar özünden haýsy gazy bölüp çykarýar?
2. Ösümlükleriň adam üçin peýdasy nämede?
3. Tebigat hakyndaky nakyllary okaň we manysyny aýdyp beriň:

Öl agajy egmegin, degmedige degmegin.
Bir agajy kesseň, onusyny ek.

4. Aşakdaky krosswordy çözüň.

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| K | | | | | | | |
| i | | | | | | | |
| s | | | | | | | |
| l | | | | | | | |
| o | | | | | | | |
| r | | | | | | | |
| o | | | | | | | |
| d | | | | | | | |

G ★★ **Gönükme.** Aşakdaky suratlarda haýsy artykmaç we näme üçin?

1. 

2. 

G ★ **Gönükme.** Özüňizden ýabany haýwanlara degişli bäş sözi tapyp, bogna bölüp ýazyň.

G ★★★ **Gönükme.** Suratda haýsy pasyllar şekillendirilen? Her pasylda tebigatyň özgerişine, çagalaryň geýmine üns beriň we gürrüň ediň.



# TEBIGATYŇ BAÝLYKLARY



Biziň ülkämiz tebigat nygmatlaryna örän baý. Aňyrsyna göz ýetmeýän baýyrlar, garly daglar, miweli baglar, derýanyň bal suwy hemişe lezzet berýär. Bu baýlyklary gözüň göreji ýaly gorap saklamaly. Hemişe aýawly çemeleşmeli. Tebigatyň nygmatlaryny zaýalamaly däl. Geljekki nesillere geçirmeli. Watanymyzyň tebigatyny goramak we saklap galmak biziň borjumyz hasaplanýar. Tebigaty goramak üçin agaçlaryň şahasyny döwmeli däl, düýbüni ýumşadyp, ideg etmeli. Galyndylary ýörite gaba salmaly.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Hekaýany üns berip okaň.
2. Tekstde tebigat sözi näçe gezek duş gelýär?
3. Derýadan nähili suw akýar?
4. Agaçlara nähili ideg etmeli?
5. Tekstiň 3 sözlemini okaň we manysyny düşündiriň.
6. Galyndylary nähili saklamaly? Siz öz öýüňizde nähili saklaýarsyňyz?

G **Gönükme.** Aşakdaky suratlary syn edip biziň tebigatymyzy hapalaýan zatlary aýdyp beriň. Şol sözler bilen sözlem düzüň.





**G** **Gönükme.** *Tebigat, ekologiýa, tüsse* diýen sözlerdäki çekimliler ýogynmy ýa-da inçemi?

**G** ★ ★ **Gönükme.** Aşakdaky agaçlary belentligi boýunça yzygider ýazyň we näçe bogundan ybaratdygyny bellik ediň.



__________ ☐, __________ ☐, __________ ☐

★ ★ Rebusy okaň.



## ALMA NAHALY

*ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN*



Bir garry adam alma nahalyny otyrdyp duran eken. Oňa: «Saňa alma nahalyny oturtmak nämä gerek? Barybir bu nahallar ulalyp, hasyl berýänçä, köp garaşmaly bor» diýipdirler.

Onda garry: «Men iýmesem, başgalar iýerler, şonda meni-de ýada salarlar» – diýipdir.

*L.N. Tolstoý*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Garry adam näme oturdypdyr?
2. Nahal haçan oturdylýar?
3. Sen haýsy agajyň nahalyny oturtdyň?

### Almanyň peýdasy



Ýene-de haýsy miwelerde witaminler bar?

**Gyzykly faktlar:**

Alma nahaly atly hekaýanyň awtory Lew Tolstoý görnükli rus ýazyjysy. Ol 1828-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda Ýasnaýa Polýana diýen ýerde dogulýar. Ol ýaşlykdan gowy okaýar. Soň Kazan uniwersitetinde ýokary bilim alýar. Lew Tolstoý Ýasnaýa Polýanada çagalar üçin mugt mekdebi açmagy arzuw edýär. Ol çagalary oňat görýärdi. 1810-njy ýylda ol mekdebi açýar we köp sanly çagalar bu ýerde sowat öwrenýärler. Ýazyjy çagalar üçin köp eserleri ýazýar.

**L.N.Tolstoýyň durmuşyndan gyzykly faktlar:**

- Ol süýdi we balygy oňat görmändir.
- Üljäni oňat görüpdir.
- Ol juda mert bolupdyr, emma alakadan örän gorkupdyr.
- Ol örän edermen awçy bolupdyr, emma itleriň sesine çydamandyr.
- Aňsat aglaýan eken, örän kem gülýän eken. Emma bir güläýse gözünden ýaş akýança gülüpdir.
- Sazy örän oňat çalypdyr.
- Gowy edip labyzly okapdyr, ýöne utanjaň bolupdyr.
- Ol garry wagtlarynda hem gimnastika bilen meşgullanypdyr.

Ýazyjy L.Tolstoýyň gylyklaryndan haýsylary saňa ýakdy?

G ★ **Gönükme.** Özüňizden okuw gurallaryna degişli üç sözi tapyp, berlen shemada sözlem düzüň.

G ★ **Gönükme.** Hekaýadan ýogyn çekimlileriň ýazuw düzgünine degişli üç sany sözi tapyň we düşündiriň. Şol sözler bilen aşakdaky shema dogry gelýän sözlem düz. Nusga: Galam. Oraz galam aldy.

## ÜLJE

*ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN*

★ Ýör hany, ýör, jigim Gülje.
Al eliňe piljagazyň.
Ekip berjek saňa ülje,
Çerme senem goljagazyň.



Getir piliň, Gülje jigi,
Ýör, ekeli ülјejigi.

Nädip ekýänim görersiň,
Görseň senem öwrenersiň.
Nahaly tutup durarsyň,
Endik eder eljagazyň.



Ynha, seret, Gülje jigi,
Şeýdip ekgin ülјejigi.

*M.Garryýew*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Agasy Güljä näme diýipdir?
2. Olar nirä gidýärler?

3. Nähili nahaly ekdiler?
4. Surata seredip artykmajyny tapyň.



**HOZ**

Güýz gelende bişýärin,
Kaksaň, pat-pat düşýärin.
Ýagly edip nanyňy,
Täzeleýän ganyňy.

*Ybrahym Danyş*

O **Oýun:** Ak kagyza agajyň suratyny çekiň. Suratdaky miweleri we gök önümleri dogry edip ýerleşdiriň.



G ★ **Gönükme.** Teksti okaň, at goýuň we sözlemleri dogry yzygiderlikde ýerleşdirip depderiňize ýazyň.(Mugallymyň kömeginde).

Pil bilen çukury gazdylar. Toprak bilen gömdüler. Eminiň kakasy miwe nahalyny getirdi. Suw guýdular. Ilki bilen nahalyň damaryny we şahalarynyň uçlaryny gyrkdylar. Çukura nahaly goýdular.

## GARA TUT



Tut bişipdir –
Gara tut.
Dökülip dur ýere tut.
Özi ýeke bolsa-da,
Ýetjek hemmelere tut.

Uzyn-uzyn gollaryn
Aşaga gerip iýdik.
Kim okara,
Kim jama,
Kim käsä ýygyp iýdik.

Elimizdir ýüzümiz
Gara reňke boýaldy.
Oglanlara hiç welin
Gyzjagazlar uýaldy.

Bir-birege gülüşdik.
«Masgara-da
Masgara!»
Hemmämize tudana,
Murt ýasapdyr gap-gara.

*Hemra Şirow*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Goşgyny labyzly okaň.
2. Tut haýsy pasylda bişýär?
3. Tuduň peýdasy hakynda gürrüň edip beriň.

O **Oýun.** «Bir söz bilen aýt». Beýan edilen zady bir söz bilen aýdyň:

1. Oýanmaga kömek edýän sagat.
2. Çorba guýulýan uly çemçe.

3. Irden iýilýän nahar.
4. Gündiz asmanda görünýär.

G ★★★ **Gönükme.** Teksti okaň ýogyn we inçe çekimlileriň ýazuw düzgünine degişli iki sözi tapyň.

Rowaýatlarda aýdylyşyna görä, bişen tuduň tagamy ömürlik agzyňda galarmyşyn. Tuduň ýapragy ýüpek gurçugy üçin iýmit. Tut agajyndan ussalar dutar ýasaýarlar. Bişen miwesi witaminlere örän baý. Ak tut, gara tut, balhy tut ýaly görnüşleri bar.

1. Ýüpek gurçugy barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Ýüpek gurçugy näme iýýär?

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky wakalaryň yzygiderligi dogrumy?



# AKYLLY BAGBAN



Bir bagbanyň 3 sany ogly bar eken. Olar işýakmaz, ýalta ekeni. Bagban bir gün keselläpdir. Ol ogullaryny çagyryp, şeýle wesýet edipdir. «Ogullarym, meniň gün-sagadym bitdi. Bagyň ortasyna bir küýze altyn gömüp goýdum. Özüňiz tapyp, bölüşip alyň».

Aradan birnäçe gün geçip, bagban aradan çykypdyr. Ogullary altyny gözläp bagy şeýle bir gazypdyrlar, topragy ýumşap gidipdir. Emma üzümiň damaryndan

başga hiç zat tapmandyrlar. Emma şol ýyl üzüm şeýle bir hasyl beripdir. Ony satyp pulundan birnäçe küýze dolýan altyn alypdyrlar. Şondan soň bu ýaltalaryň altynyň küýzede däl-de zähmetde ekenligine gözi ýetipdir.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Bagban ogullaryna näme diýip wesýet edipdir?
2. Altyn nirede eken?
3. Dana söz:

Hemme ýamanlyklara – ýaltalyk we gorkaklyk alyp barýar.

Nakyldaky sözleri nusgadaky ýaly derňäň.

Nusga: Hemme – 5 harp, 2 bogun, 2 inçe çekimli, 3 çekimsiz...

**Ýaňyltmaç:** Tiz aýtmagy öwreniň.

Ol tekjede mäş bar, bu tekjede daş bar, mäşleşseň mäşleşjek, daşlaşsaň daşlaşjak.

Ýagyşyň aşakdaky ýaly görnüşi bolýar. Ýagyşyň üç görnüşini hem depderiňize ýazyň. Sözüň içindäki çekimli harplaryň aşagyny çyzyň.

1. Güýçli ýagyş.
2. Damjaly ýagyş.
3. Ýapgyt ýagýan ýagyş.



**G** **Gönükme**. Surat boýunça «Tebigaty goraň» diýen hekaýa düzüň.



Rebusy okaň.



# ŞEMAL WE GÜN

*ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN*



Bir gün şemal bilen gün bäsleşipdir. Olar bu jedellerini ýolda gidip barýan ýolagçynyň kömeginde çözmegi makul bilipdirler. Kim birinji bolup ýolda gidip barýan ýolagçynyň egnindäki possunyny çykaryp bilse, şol güýçli bolýar diýipdirler. Şemal öz nobatyndan peýdalanyp güýçli ýel beripdir. Ýoldaky adam ýöräp bilmän, zordan ädim ädipdir. Şemal güýçlendigi saýyn ýolagçy hem possunyna pugta oranypdyr. Näçe hereket etse-de, ýolagçynyň possunyny şemal çykaryp bilmändir. Nobat güne ýetipdir. Gün özüniň mylaýym nurlaryny saçypdyr.

Soňra bolsa yssysyny güýçlendirip, ýolagçyny gyzdyryp başlapdyr. Şonda ýolagçy gyzyp başlanyny duýupdyr. Soňra egnindäki possunyny çykarypdyr.

Netijä görä, köp zady zorluk bilen däl-de mähir bilen gazanmak bolar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Şemal bilen gün näme üçin jedel edipdirler?
2. Şemal bäsleşikde näme üçin günden ýeňilipdir?
3. Mähribanlyk nähili häsiýet?
4. Birinji haýsy biri güýjüni görkezipdir?
5. Gün nähili hereket edipdir?
6. Şemal we gün sözleri bilen sözlem düzüň.

**Tapmaça:**

Bir guş tutdum, jany ýok,
Başyny kesdim, gany ýok,
içinde üç ýumurtga,
Jüýjesiniň sany ýok.



G ★ **Gönükme.** Rebuslary okaň.

1. ~~H~~  i

2.  an

a=o

# KIÇI BULUTJYK



Kiçi  içinde ýagyş ýaşaýardy. Güýzde ýagyş  barmagy oňat görýärdi.  ýaşyl  öňküden hem ýaşyl bolýardy.  bolsa  suwlarynda oňatja ýuwunýardylar.  ýene-de  oňat görýärdi. Olar güýzde aýaklaryna  geýip,  eline alyp, gezelenç edýärdi. Bilýärmiň, ýagyşdan soň ekinler has gowy ösýärler.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ýagyş haýsy pasyllarda köpräk ýagýar?
2. Ýagyşdan soň howada nähili özgerişler bolýar?

G **Gönükme.** Sözleriň manysyna garşy sözleri aýdyň.

Owadan, tertipsiz, batyr, uly, ak, giň, bilimli.

**G** ★★ **Gönükme.** Ynsan üçin eziz zatlary tapsaňyz «Watan» sözüni okarsyňyz.

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 1 | | | W | |
| 2 | | | | A | |
| | | 3 | | T | |
| | | 4 | | A | |
| | 5 | | | N | |

## GOŞANT GOŞ

*ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN*



★

Bir nahaldan ekse her kim
Älem tokaý bolar.
Bir nahaldan kesse her kim,
Tokaý gurban bolar.
Agaçsyz ýokdur ýaşaýyş,
Bag etmäge goşant goş.

*Esen Rahymow*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Goşgyny okaň we manysyny düşündiriň.
2. Goşgyny ýat tutuň.

G ★ **Gönükme.** Aşakda haýsy ösümlikler şekillendirilen? Olaryň haýsylary siziň howlyňyzda ösýär? Ösümlikleriň adyndaky çekimlileri aýdyň.



## SURATLY DIKTANT

Suratyň aşagynda sözleri depderiňize ýazyň we çekimli harplaryň aşagyny çyzyň.








## JANLY BURÇ

### Taýçanak



Has ýaşajyk dor taý men,
Kiçem bolsam zor taý men,
Idetseňiz siz mazaly,
Atylaryn men ok ýaly.

## Guzy



Men bir çalja guzy men,
Söýýän çöli – düzi men,
Öýde peçejik iýýän,
Torly paçajyk iýýän.

## Pişijek



Pişijegim mawlama,
Ejem ýok diýp aglama,
Meniňem ejem öýde ýok,
Işe gitdi gelenok.
Akylly bol men ýaly,
Gel ikimiz oýnaly.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ýene haýsy öý haýwanlaryny bilýärsiňiz, aýdyp beriň.
2. Taýçanak, guzy, pişik näme bilen iýmitlenýär?
3. Taýçanak, guzy, pişik sözlerinde näçe harp, bogun, çekimli we çekimsiz harplar bar?

**Tapmaça:**



Ýüňi iňňe,
Burny düwme,
Gözi monjuk,
Uzyn tumşuk.



Iki ýaprak bir tende,
Gezer gülzar-çemende.

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky haýwanlaryň atlary çekimli we çekimsiz harplar bilen başlanýar. Anyklaň.



# ALYŞIRIŇ ÝAŞLYGY

*ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN*



Keýik Alyşiri ysgady. Läliksiräp süýkendi.

– Seni tanaýan eken, özüňe öwrenişdiripsiň – diýdi, oglanlardan biri.

– Dogry – diýdi, çagalardan biri.

– Daýym çöle gidende getirip berdi – diýdi, Alyşir.

– Örän gözel ekeni! Eti hem mazalydyr-a? Men ulalsam awçy boljak.

– Aw etmek, mergenlik – güýmenjedir.

Emma iň zerur zat mekdepdir. Durmuşyň köp syrlaryny mekdep öwredýär – diýdi, Alyşir.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Alyşire keýigi kim getirip berdi?
2. Alyşiriň dosty kim bolmagy arzuw edipdir?
3. Alyşir durmuşda iň zerur zat name diýipdir?
4. Siz üçin iň zerur zat näme?

**Gyzykly faktlar. Pişikler hakynda:**

– Pişikler iň köp ýaýran jandarlardyr.

– Internetiň maglumatlaryna görä, dünýäde 500 milliondan artyk öýde ýaşaýan pişikler bar.

– Pişikler we adamlar 10000 ýyla ýakyn bile ýaşap gelýärler.

– Pişikler energiýasyny saklamak üçin gününe 13–14 sagat uklaýarlar.

– Pişigiň bedeni örän maýyşgak, dişleri bolsa ýiti.

– Öý pişikleri esasan 4–5 kilogram agramda bolýarlar.

– Ýazuwlara görä iň agyr pişik bu 21297 kilogram bolupdyr.

G **Gönükme**. Siziň öýüňizde pişik barmy? Ol näçe ýyldan bäri sizde ýaşaýar? Pişik sözüni derňäň we aşakdaky shema boýunça sözlem düzüň.

Pişik- h ☐, b ☐, ç-li ☐, ç-siz ☐.

☐ ☐ ☐ ☐.

Shemadaky sözlemde näçe söz bar?

G **Gönükme**. Aşakdaky suratdaky haýwanlaryň atlarynyň birinji harplary boýunça gizlenen haýwany anyklaň.



# EŞEK BILEN ÝABY

*(Erteki)*



Bir adamyň bir eşegi we bir ýabysy bar eken. Olar üsti ýükli ýol bilen barýan ekenler.

Eşek ýaba:

«Meniň ýüküm agyrlyk edýär, hemmesine güýjüm ýetjek däl, azajygyny götermäge kömek ber» diýipdir. Ýaby onuň diýenini etmändir. Eşek bolsa ýüküniň

agyrlygyndan ýykylyp, ölüpdir. Eýesi eşegiň bar ýüküni üstesine onuň hamyny-da ýabynyň üstüne ýükläpdir. Şonda ýaby puşman edip:

«Wah men bir betbagt, görgüli, biçäre bolsam nätjek! Onuň ýüküni azajyk hem ýeňledäýmedimdä, indi bolsa hemme ýüki we onuň üstesine eşegiň hamyny hem göterip barýaryn» diýipdir.

**Nakyl:** Söýenişen ýykylmaz.
El eli ýuwar, iki el birigip ýüzi ýuwar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Eşek näme üçün ýabydan kömek sorapdyr?
2. Ýaby näme üçün ökünipdir?

G ★ **Gönükme.** Köp nokatlaryň ýerine gerekli harpy goýup okaň.

M…n elipb…ýi ý…tlad…m. S…z ýatl…dyň…zmy?

G ★★ **Gönükme**. Suratda wakanyň başy we ahyry şekillendirilen. Aralykda bolan wakalary aýdyp beriň.



?



G ★★★ **Gönükme**. *It, towşan, belka* sözlerinde näçe bogun we çekimli harp bar?

# SYGYR BILEN GUZUJYK



Guzujyk sygra gabanjaňlyk bilen seredip:

– Munça hormaty nädip gazandyň, haçan seretme senden habar alýarlar, yzzat-hormat edýärler. Iýeniň öňüňde, iýmedigiňem ardyňda – diýdi.

– Wah balam-eý, bularyň ählisi meniň zähmetimden ahyryn. Men olardan zähmetimi, ýagny süýt bulagymy aýamaýaryn. Şonuň üçinem men hormatda. Sen hem basym men ýaly ulalarsyň, adamlaryň hormatynda bolsaň, ýagşylyk ýerde galmaz diýipdirler, başyň hormat-yzzatda bolar. Adam haýwanlaryň howandarydyr.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Guzujyk sygra näme diýipdir?
2. Sygyr nähili hormat görýän eken?
3. Sygyr guza näme diýipdir?
4. Sygyr näme berýän eken?
5. Sygyrdan ýene başga nämeler alynýar?

G ★ **Gönükme.** Sygyrdan alynýan zatlary elipbiý tertibinde aýdyň.

Gatyk, ýag, çekize, süýt, et, gaýmak.

**Ýogyn çekimlili bogna ýogyn bogun, inçe çekimlili bogna inçe bogun diýilýär.**

G ★ **Gönükme.** Ýogyn bogna degişli söz tapyň we aşakdaky shema boýunça sözlem düzüň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | |

G ★★★ **Gönükme.** Suratdaky haýwanlaryň atlaryny aýdyň, haýsy inçe bogun we ýogyn bogunlygyny aýdyň. Soň olaryň ýaşaýan ýerini anyklaň.



# HAÝWANAT BAGYNDA




Daşkendiň haýwanat bagy uly. Biz oňa baryp gördük. Ol ýerde gaplaň, bars, pil we keýik ýaly haýwanlar bar. Haýwanlara oňat seredýärler. Wagtly-wagtynda nahar, suw berýärler. Ýataklaryny arassa saklaýarlar. Mugallymymyz bize şol haýwanlar hakynda gürrüň berdi.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Niräniň haýwanat bagy uly?
2. Ol ýerde nämeler bar?
3. Haýwanlara nähili seredýärler?
4. Kim bize haýwanlar hakda gürrüň berdi?
5. Tekstiň içinden iki bogunly sözleri saýlap tapyň.

**Gyzykly fakt:**

1915-nji ýylda Winnipeg atly aýyjyk Kanadadan Londondaky zooparka göçürilip getirildi. Kristofer Robin Miln atly kiçi oglanjyk Winnipegi (gyzgaça Wini)

görmek üçin tiz-tizden zooparka gelipdir. Oglanjygyň kakasy meşhur ýazyjy Miln Alen Aleksander bolupdyr. Oglunyň aýyjyga bolan söýgüsi «Wini puh» hakyndaky eserleri ýazmaga ylhamlandyrypdyr.

G ★★ **Gönükme.** Surata seredip dogry jogap beriň.

1. Kim tiz ýöreýär? (pyşdylmy ýa-da zebra)
2. Kim agyr? (pilmi ýa-da kerkmi)
3. Haýsy uly? (pilmi ýa-da arslan)
4. Kim belent? (žirafmy ýa-da krokodil)
5. Kim güýçli? (gaplaňmy ýa-da maýmyn)



# 8-NJI MART



8-nji mart baýram günüdir. Bu baýram aýal-gyzlaryň halkara baýramydyr. Biziň ýurdumyzda aýallar erkekler bilen deň hukuklydyr.

Biziň döwletimiz aýallar barada köp alada edýär.

Watanymyzda her ýyl 8-nji mart gününi baýram edýärler. Aýal-gyzlaryň işde gazanan üstünliklerini belläp geçýärler.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Aýal-gyzlaryň baýramy haçan bellenip geçilýär?
2. Biziň hökümetimiz aýallar barada nähili alada edýär?

**G** ★★ **Gönükme.** Aşakdaky gurallar boýunça aýal-gyzlaryň köpräk işleýän kärlerini aýdyň.














## EJELER HAKDA

Ejem bizden ir turýar,
Ejem bizden ýatýar giç,
Ejemden işeňňiri
Göremok men asyl - hiç.





Nahar berýär ejem jan,
Ejem jan çaý demleýän.
Geplesek, ejem jandyr
Sözümizi diňleýän.

Sygyr sagýan-da ejem,
Ejem oty orýan-da,
Galam, ellik ýitirsek,
Ejemdir agtarýan-da.





Ejeler guwanjymyz,
Ejeler az işlesin.
Ejeleriň işine
Hemmeler kömekleşsin.

*G. Çöliýew*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Goşgyny labyzly okaň.
2. «Meniň ejem» diýen hekaýa düzüň.

G ★★ **Gönükme.** Suratda wakanyň başy we ahyry şekillendirilen. Aralykda bolan wakalary aýdyp beriň.



?



# BATYR GUŞJAGAZ



Zooparka örän gaharjaň we gazaply arslany getiripdirler. Ol gije-gündiz gygyryp, zooparka gelen tomaşaçylary hem gorkuzypdyr. Hatda ol özüne iýmit berýänlere hem gazap edip gygyrypdyr.

Bir güneşli mylaýym günde arslanyň ininiň ýanyndaky agaja batyr guşjagaz gelip gonupdyr. Guşuň arslana rehmi gelipdir. Sebäbi ol hiç kimi oňat görmändir we hiç kim bilen dost bolmandyr. Arslan indi guşy gorkuzyp ygyrmakçy bolupdyr, emma guşjagaz özüniň owadan sesi bilen saýrap başlapdyr. Sazy eşidip, arslan gatyp galypdyr. Şondan bäri arslan guşjagazy gorkuzmajak bolup, gaty gygyrmaga gorkýan bolupdyr. Olar dost bolupdyrlar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Näme üçin guşuň arslana rehmi gelipdir?
2. Haýsy guşlar saýraýar aýdyň we şol sözlerde inçe bogunmy ýa-da ýogyn bogunmy aýdyň.

**Dostluk hakynda nakyllar:**

Dost dostuň aýnasy.
Dostsuz adam – ganatsyz guş.
Dostuň syryny dost biler.

★ Dostluk sözüni derňe:

Dostluk – ☐ H, ☐ B, inçe bogunlymy ýa-da ýogyn bogunlymy?

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky sözler bilen berlen shemada sözlem düzüň.

Dostluk, mekdep, sport.

☐ ☐ .

☐ ☐ ☐ .

☐ ☐ ☐ ☐ .

# III BAP
# SAG TENDE – SAGDYN AKYL



## SAGLYK – BAÝLYK, ÝAŞLYK – DÖWLET

# GÖK ÖNÜMLERIŇ JEDELI



Bir bar eken, bir ýok eken bir garry mama bilen baba bar eken. Baba agşamlaryna telewizor görýän eken, mama bolsa oňa jorap dokaýan eken. Beýdip ýaşamak bularyň janyna degipdir. Olar maslahatlaşyp mellek edinipdirler. Mama bilen baba gün boýy mellekde güýmenipdirler. Wagt hem tiz geçip başlapdyr, garrylaryň hem içi gysmandyr. Şeýdip tohum ekmeli wagt hem gelipdir. Baba beýle jogapkärli işi mama ynynmandyr. Özi bazara baryp köp tohumlar alyp gelipdir. Baba mamany çagyrman özi tohumlary ekmekçi bolupdyr we büdräp ýykylypdyr. Şeýdip elindäki hemme tohumlar mellege saçylyp gidipdir.

Baba örän gynanypdyr. «Indi nirede kelem, nirede käşir ekilendigini nädip bilerin» – diýip derdini mama aýdypdyr. «Gysynma, baba, – diýipdir mama, – wagty gelende bileris». Biraz wagtdan soň güýz hem gelipdir. Hasyllary ýygmaly bolupdyr. Mama we baba mellege barsa hasyl örän oňat ýetişipdir. Ýöne önümler bir biri bilen haýsymyz iň peýdaly diýip, jedel edip başlapdyrlar. – Men pomidor. Menden mazaly tomat bolýar. Men hemmäňizden oňat. – Men hemmäňizden peýdaly. Men – sogan, ähli keselleriň öňüni alýaryn. – Hiç hem onuň ýaly däl. Mende-de witamin örän kän. Men – kädi örän süýji we mazaly, ýene-de meniň reňkim örän owadan. – Diňe sen dälsiň owadan. Maňa bir seret. Men – gyp-gyzyl käşir. Men örän peýdaly we süýji. Meni hemme oňat görýär. Şeýdip gök önümler köp wagt jedelleşipdirler. Ahyr baba we mama şeýle diýipdir: «Siziň hemmäňiz oňat we peýdaly. Hemmäňizi ýygyp alarys. Mellekde hiç biriňiz galmarsyňyz. Käbiriňizi çorba salarys, käbiriňizi palawa salarys, käbirleriňizi bolsa çigligine iýeris». Muny eşiden gök önümler begenip, gülüşip, çapak çalypdyrlar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ertekiniň esasy gahrymanlary kimler?
2. Olar zähmet çekmegi oňat görüpdirlermi?
3. Ertekide haýsy gök önümler gatnaşýar?
4. Gök önümler özara näme edýärler?
5. Baba we mama gök önümleriň göwnüni nädip tapýar?

G ★ **Gönükme.** Sözleri tapmaly.

**Mysal üçin:** atrap – parta, mat-tam.

Indi siz özüňiz şeýle tapmaçalary düzüň we partadaşyňyza beriň. Goý ol tapmaçany tapsyn.

G ★★★ **Gönükme**. Aşakdaky suratdan inçe bogunly we ýogyn bogunly sözleri aýdyň.



## GÜLÜŇ SEÝLI

*(Erteki)*



Bir bar eken, bir ýok eken gadym zamanlarda bägül bar eken. Ol özüniň owadanlygynda buýsanyp ýaşapdyr. Emma oňa bu hakda hiç kim aýtmandyr. Günleriň birinde örän täsin waka bolupdyr. Şol bägülüň bilesigeliji bir ýapragy gülden üzülip: «Men dünýäni seýil etmäge gitjek» – diýýär. Bu görlüp eşidilmedik waka! Özüniň jana-jan gülüni taşlap, gözi gören tarapa uçup gitmek. Şeýdip ýaprak dünýäni seýil edipdir. Köp zatlary we ýurtlary, deňizleri we derýalary görüpdir. Ahyry ol ýene-de öz öýüne, jana-jan gülüne gelipdir we şeýle diýipdir: «Hawa bägül örän owadan, emma Ýeriň ýüzi ondan hem owadan!»

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ertekide haýsy gül barada gürrüň berilýär?
2. Siz ýene-de haýsy owadan gülleri bilýärsiňiz?
3. Ertekidäki ahyrky sözlemiň manysyny düşündiriň.

G **Gönükme.** Sözleriň jübütini tapyň.

| | |
|---|---|
| ajy | kartoşka |
| sary | pomidor |
| süýji | burç |
| bişen | hyýar |
| ter | käşir |

***K, p, t, ç* – dymyk çekimsiz seslerdir.**
***G, b, d, j* – açyk çekimsiz seslerdir.**

G **Gönükme.** Aşakdaky krosswordy çözüň we sözlerdäki dodak çekimlileri aýdyň.



| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| S | | | | | | |
| A | | | | | | |
| G | | | | | | |
| L | | | | | | |
| Y | | | | | | |
| K | | | | | | |



G ★ **Gönükme.** Aşakdaky gök önümleriň hasylyny nädip alýarlar?

Käşir, şugundyr, turp, rediska – ________________

Hyýar, pomidor, badamjan – ____________________

Kelem – ____________________________________

Kartoşka – __________________________________

(Kesip alýarlar, ýerden üzýärler, ýolýarlar, gazyp alýarlar).

# NÄHILI IÝMITLENMELI



Biz energiýany iýýän naharlarymyzdan alýarys. Adam organizminiň sagdyn bolmagy üçin iýýän naharlary mazaly we her hili doýumly witaminlere baý bolmalydyr.

Köp energiýa berýän çörek, hamyrly, tüwüli azyklar haýal siňýän önümler. Ter miwe we gök önümler adamyň sagdyn bolmagy üçin zerurdyr. Olaryň düzüminde witamin we mineral maddalar köp. Mäş, noýba, süýt, gatyk, et we peýnir ýaly önümler çagalaryň ösmegi we güýçli bolmagy üçin zerurdyr. Konfet we süýji önümlerini az mukdarda iýmeli.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Adam energiýany nireden alýar?
2. Bize birinji peýdaly iýmitler.
3. Bize ikinji peýdaly iýmitler.
4. Bize üçünji peýdaly iýmitler.
5. Biziň saglygymyz üçin zyýanly bolan zatlar.

G ★ **Gönükme.** Tekstde inçe çekimlisi bar bolan sözleri saýlap, bogna bölüp göçüriň.

G ★ **Gönükme.** Öýde öz gowy görýän önümiňiziň gutusyndaky ýazgyny okaň. Önümiň düzümini göçürip alyň.

★ ★ Rebusy okaň.




G ★ ★ **Gönükme.** Suratda peýdaly iýmitiň aşagyna 5, peýdasyz iýmitiň aşagyna 2 ýazyň.






G ★★★ **Gönükme.** Şerbet we çorba bişirmek üçin önümleri dogry paýlaň. Gök önümleriň we miweleriň adyny aýdyň.




**Harplaryň tertip bilen gelmegine elipbiý diýilýär.**

G ★ **Gönükme.** Içinde ýogyn çekimlisi bar sözlere mysal getiriň.

## NAHARLANMAK KADALARY

*ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN*



Nahary howlukman, gowy çeýnäp soňra ýuwutmaly. Şonda nahar aşgazanda gowy siňýär. Nahar gaty yssy ýa-da gaty sowuk bolmaly däl. Ýatan ýeriňde naharlanmak ýa-da uklamazdan öň doýup nahar iýmek zyýanlydyr. Şonuň üçin dogry oturyp, göwdäni dogry tutan ýagdaýda naharlanyň. Naharlanmazdan öň elleriňizi sabynlap ýuwmagy unutmaň.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Näme üçin nahar doýumly bolmaly?
2. Näme üçin witaminlere baý bolmaly?
3. Nahary näme üçin howlukman gowuja çeýnemeli?
4. Nähili önümler witamin we minerallara baý bolýar?

G ★ **Gönükme.** Tapmaçany okaň we onuň jogabyny tapyň. Çekimlileri aýdyň.

Boýy bir garyş,
Sakgaly iki garyş.



Wyz-wyz edip uçar ýörer,
Gülden-güle göçer ýörer,
Onuň ýygnan hazynasy,
Çaý başynda hezil berer.



G ★ **Gönükme.** Nakylyň manysyny düşündiriň.

Az iýgin, az diýgin.

G ★ **Gönükme.** Berlen surat boýunça hekaýa düzüň we depderiňize ýazyň. Çekimlileriň aşagyny çyzyň.






## NAHARLARYŇ HANY – PALAW



Palaw iň doýumly we süýji nahar. Oňa ýokardaky suratda görkezilişi ýaly ýag, et, käşir, tüwi salyp bişirýärler. Ony öýde köplenç ejelerimiz bişirýär. Biz maşgalamyzda ejemiň bişiren palawyny oňat görüp iýýäris.

Özbegistanda her welaýatda palawy özgeçe syrlary bilen bişirýärler. Toýlarda palawy uly gazanlary dolduryp, aşpezler bişirýärler. Gazana salynjak zatlar toýa geljek myhmanlaryň sanyna seredip taşlanýar. Toý palawyna lazer diýen tüwi salynýar. Ondan başga-da tüwiniň köp sortlary Özbegistanda ösýär. Goý, ýurdumyzda toýlar köp bolsun! Gazanlarda süýji palawlar bişibersin!

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Sen palawy oňat görýärmiň?
2. Öýüňizde palawy kim mazaly edip bişirýär?

3. Surata seredip palawa nämeler salynýandygyny aýdyň.

G ★★★ **Gönükme.** Okaň we ýatlaň.

## Doglan gün

Geliň toýa myhmanlar,
Bu gün palaw bişirýäs,
Et, käşir, tüwi atyp,
Soň demine goýýarys.
Hoş geldiňiz myhmanlar,
Toý saçagyň başyna,
Palaw iýip aýdalyň:
«Ýaş goşulsyn ýaşyňa!»

**Sözüň birbada aýdylýan bölegine bogun diýilýär. Çekimli ses bogun emele getirýär.**

G ★★ **Gönükme.** Aşakdaky suratlarda näme şekillendirilen? Şol sözleri derňäň. Çekimlileriň aşagyny çyzyň.



____________ H ☐, B ☐ ?



__________ H ☐, B ☐?



__________ H ☐, B ☐?

## ÝATKEŞLIGIŇ GÜÝÇLI BOLSUN DIÝSEŇ

**Basgançak** *N.Nosow*



Walýanyň agasy Petýa çagalar bagyna barýan eken. Çagalar bagynda olar 10-a çenli sanamagy öwrenipdirler. Şol gün Petýa şadyýan bolup öýüne geldi.

– Walýa, men 10-a çenli sanap bilýän, çagalar bagynda öwrendim. Ine, seret häzir men basgançaklary sanap bereýin! – diýdi Petýa magtanyp. Şeýdip olar basgançakdan göterlip başladylar. Petýa gaty ses bilen basgançaklary sanaýardy:

– Bir, iki, üç, dört, bäş …

– Näme dymyp galdyň? – diýip Walýa sorady.

– Dur bir salym soň näçenji basgançakdygy ýadymdan çykdy. Häzir ýadyma düşer.

– Hany bol ýadyňa sal, – diýýär Walýa. Şeýdip olar basgançaklarda biraz durdular. Petýa doganyna ýüzlenip:

– Ýok, men beýdip ýadyma düşürip bilmeýärin. Gel gowusy başdan başlalyň.

Şeýdip olar basgançakdan aşak düşüpdirler. Indi ýene ýokaryk göterlip başlapdyrlar.

– Bir, iki, üç, dört, bäş… – diýdi Petýa we ýene saklandy.

– Ýene ýadyňdan çykdymy? – diýip Walýa sorady.

– Ýadymdan çykdy! Bu nähili boldy! Ýaňyja ýadymdadady, birden ýadymdan çykaýdy! Gel ýene-de gaýtalalyň. Doganlar ýene-de basgançakdan düşüp sanap başlapdyrlar. Bäşe gelende ýene-de Petýa durup galypdyr.

– Mümkin ýigrimi bäşdir?– diýip Walýa sorapdyr.

– Ýokla! Geplemän dur! Oýlanmaga päsgel berýäň! Ana gördüňmi seni diýip ýadymdan çykdy! Başyndan başlamaly bolduk.

– Ýok başyndan başlamak islemeýärin! – diýýär Walýa. – Bir ýokary, bir aşak! Eýýam aýaklarym hem agyrdy.

– Islemeseň goý, – diýdi Petýa. – Men bolsa ýadyma düşýänçe duraryn.

Walýa öýüne baryp ejesine:

– Eje, Petýa basgançaklary sanaýar: bir, iki, üç, dört, bäş. Yzy ýadyna düşmeýär.

– Yzy alty, – diýýär ejesi.

Walýa ylgap baryp Petýanyň gulagyna: – Alty! – diýýär. – Alty! Alty!

– Alty! – diýip Petýa begenýär we ýokara dowam edip gidýär

– Ýedi, sekiz, dokuz, on.

Ýagşy hem 10 sany basgançak bar eken. Bolmasa Petýa öýüne hem baryp bilmän galardy. Ol diňe 10-a çenli sanamagy başarýar ahyryn.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Petýa näçä çenli sanap bilýän eken?
2. Haýsy san Petýanyň ýadyndan çykypdyr?
3. Alty sany haýsy iki sanyň arasynda ýerleşýär?
4. «Ýatkeşligi güýçlendirmek üçin günde süýji iýmeli» diýen dogrumy?

G **Gönükme.** Aşakdaky soraglara jogap beriň:

Ýatkeşligi güýçlendirmek üçin:

1. Ýadyňy türgenleşdirmeli.

2. Köp nahar iýmeli.
3. Bilegiňe gyzyl ýüp dakmaly.

G ★★★ **Gönükme.** Ýady güýçlendirmek üçin maşklar: Suratyň sag tarapyny ýapyň, çep tarapyna 30 sekunt üns berip serediň. Soň çep tarapy ýapyp, çep tarapda bolan zatlary sag suratdan tapyň. Depderiňize ýazyň.





## ZÄHMETIŇ NANY SÜÝJI

★★★ Bir bar eken bir ýok eken Mämetjan diýen oglan bar eken. Ol örän tertipli we zähmetkeş bolupdyr. Bir gün Atasy mellekde işlemäge gitmekçi bolanda Mämetjan:

– Ata menem özüň bilen äkidäý-dä. Saňa kömek ederin – diýipdir.

– Köşegim, güni bilen işleseň ýadarsyň we öýe gideli diýersiň-diýip Atasy jogap beripdir. Onda Mämetjan:

– Atamjan, ýok ýadamaryn. Men öý işlerimi boldum. Ejeme kömek etdim. Indi sen bilen gidäýeýin, Ata!- diýip sorapdyr.

– Aý bolýa-da. Bol taýýarlan – diýipdir Atasy.

Mämetjan begenip ejesine:

– Eje, men Atam bilen mellekde işlemäge gitjek- diýipdir.

– Oglum sen ol ýerde ýadarsyň, – diýipdir ejesi.

– Ýok eje, ýadamaryn – diýip Mämetjan jogap beripdir. Şonda ejesi:

– Bolýar onda, men saňa iýmäge bir zatlar taýýarlaýyn – diýip ejesi içerden bukja alyp çykypdyr.

– Bu näme, eje?- diýip Mämetjan sorapdyr.

– Bu çörek, balam. Ýadanyňda iýersiň, bal ýaly bolar – diýip ýylgyrypdyr ejesi.

– Eje, näme diýýärsiň? Ol nädip çörek bala öwrüler? – Mämetjan haýran galyp sorapdyr.

– Baryber oglum. Seresapja bolgun – diýip ejesi ylgap barýan Mämetjanyň yzyndan gygyryp galypdyr.



Mämetjan Atasy bilen iş gurallaryny alyp, ýola düşüpdirler. Mellege baryp Atasyna ýer agdarmaga kömekleşipdir. Her wagtdan baryp, çörekden habar alyp:

– Häli bala öwrülmändir. Haçan bal bolarka? – diýip haýran galypdyr.

Şeýdip ençe işländen soň, Mämetjan ýadap ajygypdyr. Ellerini ýuwup çörekden bir bölek alyp agzyna salypdyr.

– Baý-bow bu çörek baldan hem süýji bolupdyr – diýip Atasyna ýüzlenipdir.

– Oglum, gördüňmi zähmet çekip iýseň hemme zat süýji, bal ýaly bolýar. Halkyň arasynda şeýle nakyl bar: «Ýaltaň jany süýji, zähmetiň nany süýji». Şonuň üçin zähmetden hiç haçan gaçmagyn. Hemişe halal zähmet çekgin, balam – diýip Atasy nesihat edipdir.

G **Gönükme.** Ýatkeşligi ösdürmek üçin aşakdaky suraty syn ediň. Iki birmeňzeşini tapyň.



G ★★★ **Gönükme.** Tekstden iki sözi saýlap alyň we aşakdaky shemada sözlem düşüň.

| | | |
|---|---|---|
| | | |.

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky teksti okaň.

Irden asman bulut bolup durdy. Birden gök gürrüldäp, ýagyş ýagyp başlady. Ol öýümiziň aýnasyna ses bilen urulýardy. Pişik bolsa ýyldyrymyň sesinden gorkup öýüň bir burçunda bukulyp otyrdy. Men onuň ýanyna baryp sypaladym. Ol uklap galdy.

Teksti aşakdakylaryň haýsysy bilen atlandyryp bolar?

A) Ýagyş.
B) Gorkakja pişik.
Ç) Ýyldyrym.

## OBADA



Pyntyklady agaçlar,
Indi howa-da ýyly.
Uçup geldi bar guşlar,
Köpeldi meýdan güli.

Düýbi depilip kemsiz,
Çyrpylandyr bar üzüm.
Göm-gökje öwsüp duran,
Otlara düşýär gözüň.

Enemiň towuklary,
Işdämen çokýar oty.
Günsaýyn görke gelýär,
Obanyň tebigaty.

*P. Öwezliýew*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Obada nähili işler edilýär?
2. Siz öýde nähili işlere kömek berýärsiňiz?
3. Goşgyny labyzly okaň.

G **Gönükme.** Sözlemleriň yzygyderliligini dogurlap, teksti göçüriň. Tekste sözbaşy goýuň.

Aýna pişik boldy. Syçan gaçdy. Aýna Dursuny tutdy. Dursun syçan boldy. Dursun Aýnany tutdy. Biz el tutup, tegelenip durduk. Arakesmede biz pişik-syçan oýnuny oýnadyk.

G **Gönükme.** Daş-töweregiňizdäki zatlary synlaň, olaryň atlaryny ýazyň.

Nusga: agaç, guş ...

G ★★ **Gönükme.** Suratlaryň atlaryny aýdyň we depderiňize bodna bölüp ýazyň.





## SPORT



Sagdyn bolmak isleseň,
Sporty dost bilgin,
Ylgap, böküp, ýüzmegi
Ýaşlykdan endik etgin.

Şonda bolarsyň sagdyn,
Bäşlik alyp okarsyň,
Sportda ýeňiş gazanyp,
Döşe medal dakarsyň.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Sen sportuň haýsy görnüşi bilen meşgullanýarsyň?
2. Sport ýaryşlary geçýän ýeriň ady näme?
3. Goşgudan näme diýen soraga jogap bolýan sözleri tapyň.

G **Gönükme.** Soraglardan peýdalanyp bir gök önüm hakynda gürrüň beriň.

Bu näme? (gök önümiň ady)
Nirede ösýär?
Onuň görnüşi we reňki nähili?
Onuň tagamy nähili?
Ondan näme bişirýärler?

G **Gönükme.** Suratda sport gurallary haýsy türgene degişli? Sport gurallarynyň adyny depdere ýazyň.










G **Gönükme.** Goşguny okaň we has gara ýazylan sözleriň näçe bogundan ybaratdygyny aýdyň.

## DERÝA

Derýa, derýa, derýa sen,
Nirä **akyp** barýarsyň?
Gül-**gülälek** kenaryň,
Nagyş ýalak kenaryň.

**Uzaklardan** gelýärsiň,
Uzaklara **barýarsyň**,
**Tolkunlaryň** bat bile,
Kenaryňa urýarsyň.

Derýa, derýa bir salym
**Aýak** çek sen, al **demiň**.
Hany, getir ber eli,
Ýör, **öýümize** gideli.

*G.Ezizow*

# MAZMUNY

## I BAP. MEN, SEN, OL WE OLAR


Biziň maşgalamyz....4
Gyş....6
Hüwdi....8
Esger agama....11
Dana ata....13
Doganlar....16
Mähriban enem....19
Meniň watanym....21
Gün tertibi....23
Haýwanlaryň keselhanasy....26
Hoz hakynda....29
Meniň oňat görýän baýramym....32
Meniň doglan günüm....34


## II BAP. TEBIGATYŇ NYGMATLARY


Biziň bag....38
Aral deňzi....40
Tebigatyň baýlyklary....42
Alma nahaly....45
Ülje....47
Gara tut....49
Akylly bagban....52
Şemal we gün....55
Kiçi bulutjyk....57
Goşant goş....58
Janly burç....60

Alyşiriň Ýaşlygy....................................................................63
Eşek bilen Ýaby.....................................................................65
Sygyr bilen guzujyk...............................................................67
Haýwanat bagynda.................................................................69
8-nji mart...............................................................................71
Batyr guşjagaz.......................................................................74

## III BAP. SAG TENDE – SAGDYN AKYL

Gök önümleriň jedeli.............................................................77
Gülüň seýli............................................................................79
Nähili iýmitlenmeli.................................................................82
Naharlanmak kadalary ..........................................................85
Naharlaryň hany – palaw.......................................................88
Basgançak............................................................................90
Zähmetiň nany süýji .............................................................93
Obada...................................................................................96
Sport.....................................................................................98

*O‘quv nashri*

Shirinjon ABDULLAYEVA, Gulbahor ABDULLAYEVA,
Gurbanberdi VELBEGOV

# ONA TILI VA O‘QISH SAVODXONLIGI

*(Turkman tilida)*

*Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining 1-sinfi uchun darslik*

Redaktor *Gülbahar Abdullaýewa*
Suratçylar: *Azizbek Jabbarow, Najotbek Jorabaýew*
Tehniki redaktor *Akmal Suleýmanow*
Çeper redaktor *Sarwar Farmonow*
Dizaýner *Dilmurad Mulla-Ahunow*
Korrektor *Gülbahar Abdullaýewa*
Sahaplaýjy *Zilola Aliýewa*

Çap etmäge 2021-nji ýylyň 18-nji iýunynda rugsat edildi.
Möçberi 60×84 $^1/_8$. Arial garniturasy. Kegli 18 şponly.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 12,09. Neşirýat-hasap listi 20,61.
1 453 nusgada çap edildi. Buýurma № ___.

«Yangiyul poligraph servis» JÇJ-niň çaphanasynda çap edildi.
112001. Daşkent welaýaty, Ýangiýol şäheri,
Samarkand köçesi, 44-öý.